# Ýaşlyk ýyllarynda ýazylan goşgular

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 25 января, 2025
Ýaşlyk ýyllarynda ýazylan goşgular ÝAŞLYK ÝYLLARYNDA ÝAZYLAN GOŞGULAR

UKUSYZ GIJELER

Dümtünip geçirýän uzak gijäni,
Erksiz oýlandyrýan pikiri boýlap.
Käteler duýamok
säher bolanny
Ak kagyz üstünde galamym oýnap.

Geçirsemem köp gijäni ukusyz,
Olardan tapamok
göwnejaý derek.
Heniz sazlaşmadyk uzyn setirler,
Edýär meni aladaly janserek.

Dereksiz işime kä gaharlanyp,
Esli günläp,
esli günläp ýazamok.
Bir görsemem
gaharymy unudyp,
Dümtünip duranym özüm duýamok.

ÇÖL WE BAHAR

Getir çöle sahy bahar
Gözelligi, köp baýlygy.
Alaňlaram serpaý alsyn
Gül-pürçükli gök begresi.

Myhman bolsaň, şonda eger
Bendilär çöl saňa özün.

Ýöne welin, gyş görkezer
Çölüň açyk keşbin, görkün.

Bu endigi tebigatyň,
Aýlanyp dur her ýyl şeýdip.
Her «sowugy» durmuşyňam
Aýdyňlaýar perdäň syryp.

ÇÄÝNEKLER HAKDA GOŞGY

Ertir-agşam, garaz, islän mahalym,
Iň ýakyn hemram siz, çaýly çäýnekler.
Naýbaşysy mydam süýji gürrüňiň,
Sizden ylham alar köňül, çäýnekler.

Sizsiz geçenok meň ýekeje günüm,
Çaýyň içsem keýpim,
baý, ýarýa pyntyk.
Birki çäýnek çaýy boşadaýdygym,
Bolar onsoň gep-sözümem üýtgeşik.

Öňe alyp hum çäýnekden çaý içseň,
Mähetdel der görner
ýüzüňde burçak.
Argynlyk aýrylyp,
güllese keýpiň,
«Ýyrş-ýyrş» etmän,
neneň ümsüm oturjak?!

Çaý hakynda goşgy ýazan şahyrlar,
Ah, çäýnekler hakda ýazmady goşgy.
Şoň üçinem maňa dynçlyk berenok,
Siz hakda poema ýazmaklyk yşgy.

26.X.1976 ý.

ÝER EÇILÝÄR BAÝLYGYN

Sahy eçilen pelde,
Gozalar düzüm-düzüm.

Gowaçaň her şahasy,
Misli bir hoşa üzüm.

Duýýan giň giden pelde
Daýhan derniň köpdügin.
Onuň maňlaý derine
Ýer eçilýär baýlygyn.

## GARAGUM

Ummasyz Garagum gujagynda öň
Horlandy,
gör, näçe,
gör, näçe ynsan?!
Ine, indem il güýjüne ýuwaşap,
Baýlygyn eçilýär,
gysgançlyk etmän.

Durmuşymy bahar eden döwletim,
Çölem tabyn etdiň iliň güýjüne.
Suhan gaty ýaly gysganç Garagum
Eçilermi ýogsam ile keýpine?!

28.VIII.1974 ý.

* * *

Bir-birine ýassanyşan depäňi,
Elmydama telwas edýär ýüregim.
Bahar ýaşlygymy, çagalygymy
Sende geçirdim men goja Garagum.

Öwretdiň sen maňa sähraýylygy,
Ýene-ýene birgiden zat öwretdiň.
Eger azaşaýsam seň gujagyňda,
Gaýzykdyryp alaňlaryň öwretdiň.

Görmedik ýeriňi tapmak aňsat däl,
Oň üçin bilmeli barylýan ýolun.
Durmuşam öwredýär göýä çöl ýaly,

Özüniň isleýän kada-ýodasyn.

22.VIII.1974 ý.

* * *

Uzyn günläp ol,
Saman üýşürdi.
Samanny şemal,
Herýan çaşyrdy.

Gazandy abraý,
Ol hile bile.
Etdi «tüweleý»
Ony-da şeýle.

9.XI.1974 ý.

OGLUMYŇ DOGLAN GÜNÜNDE
ÝAZYLAN GOŞGY

Oglumyň bolanyn getiren sözden,
Ganat ýaýyp göge galdy şatlygym.
Begenç dolap alyp gujagna birden,
Menden daşlaşdyrýar göýä ýaşlygym.

Hyýalymda maňa meňzeş keşbine,
Guwanyplar häzir ýatlaýan ony.
Göterip, bökdürip oýnatjakdygym
Arzuwlar deňzinde aýlaýar meni.

Gözümiň guwanjy – naşyjam üçin,
Toý tutunyp, çagyrmakçy her kimi.
Bu gün kakasyny şat eden oglum,
Ulalsa begendir bütin ilimi.
11.XI.1974 ý.

NESIHATA GULAK GOÝUP…

Kakam sypan wagty sakgalyn-murtun,
Menem isleýärdim şony kämahal.

Indi bolsa maňa diýýär her gören:
«A-how, inim, senem sakgal-murtuň al».

Reňke batyrlan deý bolan eňegim,
Jahyllygyň nyşanasy bolarly.
Bakyp aýna hem-de ýitije päkä,
Tolgunýaryn bolup diýseň heserli.

Nesihata gulak goýup, onda-da,
Ele aldym päki bilen aýnany.
Känem-ä syramok, ýöne şonda-da,
Eňekden akdyrdym eslije gany.

Şol wagt meniň boluşymy görenler,
Diýdiler: «Eý, inim, usulyň hany?»
Sakgal-murt syrmagy arzuwlap ýördüm,
Görsem, olam hiç aňsat däl ekeni.

Ýöne sypap şonda syran eňegim,
Ilime ilhalar bolmak isledim.
Şol isleg üçinem sarp bolsun indi,
Şu dünýäde ýaşamaly her günüm!

26.X.1976 ý.

## TÜPEŇ

Soňladym men, soňladym,
Ençe ynsan ömrüni.
Öň aýrylman olardan,
Boldum mydam hemdemi.

Indi meni hiç kimem,
Hiç alanok eline.
Meni gören hemmäniň,
Ýigrenç gelýär ýüzüne.

Boldum ozal adamlaň,
Hiç aýrylmaz geregi.
A bu günki wezipäm,

Muzeýleriň bezegi.
30.VIII.1974 ý.

## WATAN ŞUGLASY

Gyzyldan ýasalan bir depe deýin,
Gündogardan şapak göründi, ine.
Soňam kem-kem agardy-da, nur bolup
Ýagty şugla saldy Ýeriň ýüzüne.

Ol şugla gijäniň tümlügin böwsüp,
Agardar Zeminiň sagyn hem solun.
Watanym – bu seniň,
bu seniň şuglaň,
Görkezýäň illere bagtyýar ýolun.

## AK DEREK

Şabram taryň sesi deýin ak derek,
Meni her gün işe ugradýar sazly.
Şemalyň ugruna ykjaýan ýaprak,
El galgadyp galýan gelin mysaly.

Gozalardan ýükün tutan atyzda,
Kuwwat tapýar ondan mydam ýüregim.
Nirde bolsam görünip dur ol maňa,
Synlaýan deý ýetişdiren pellerim.

Synlaýan deý ýetişdiren pellerim,
Onuň uzaklardan görünmekligi.
Asmana uzaýan dik syrdam boýam
Gazan diýýär göýä belent sepgidi.

## BAGDA

Ýaprak tans edýär,
Şemal çalýar saz.
Bilbil saýraýar,
Ýaňlanýar owaz.

Bag içi şeýle-
-şeýle bir gözel.
Ýüzüm sypaýar
Mylaýymja ýel.

Adamly mydam
Bagyň bir ýany.
Gelýänleriňem
Örän köp sany.

Adamlaň baryp,
Durýan ýerinde.
Hemmeleň hormat
Goýýan ýerinde

Ine, bir heýkel
Atyp dur ýalkym.
Ajap heýkeli
Synlaýar her kim.

Onuň ýüzünde,
Belent şatlyk bar.
Onuň ýüzünde,
Mähribanlyk bar.

Heýkel guwanýar,
Ajaýyp baga.
Göýä meňzeýär
Durmuşam baga.

Gözel durmuşym,
Baky bag ýaly.
Baga eltýän ýol
Ak bagtyň ýoly.

2.II.1975 ý.

BAHAR ŞEMALY

Sypanda ýüzümi bahar şemaly,

Keýpim pyntyk ýaryp gülleýär kem-kem.
Göýä bahar ýeli gyz eli ýaly,
Yşk ody lowlaýan kalbyma melhem.

Ah, bahar şemaly, bahar şemaly,
Mydama maýyl men mylaýymlygňa.
Köp durup könelşen goşgularymyň
Meňzedip bilsedim baryny saňa.

26.X.1974 ý.

Goşga baha:

Goşgy okalşykda okadym goşgy,
Diýdiler: «Erbet däl, gowy bu goşgy».
Ýöne redaktorlar diýenoklar hiç:
«Çykararys inim, gowy bu goşgy».

26.X.1974 ý. Goşgular